ZooPark

ZT



# HAÝWANAT DÜNÝÄSINE GEZELENÇ



# Toty balygy

Toty balyklarynyň togsana golaý görnüşi bolýar. Bu toparyň iň uly görnüşi Hindi we Ýuwaş ummanynda ýaşaýar. Olar merjen riflerinde, kenara golaý ýerlerde we suwotularyň bar ýerinde duş gelýärler. Bu balygyň uly görnüşleriniň uzynlygy 30–50 santimetr, kiçileriniňki bolsa 13 santimetre barabardyr. Onuň ady tumşugynyň şekili bilen baglydyr. Balygyň agzynda iki sany totyňky ýaly çüňk bolup, bu suwotyny iýmäge kömek edýär. Bu jandaryň esasy aýratynlygy merjen riflerini arassalamakdan ybaratdyr. Adatça açyk reňkli bolýan bu jandarlar merjen riflerine zeper ýetirýän otlary, ownuk daşlary iýýärler. Şeýlelikde, deňiz ekoulgamy üçin ähmiýetli bolan merjenleriň kadaly ösmegine ýardam edýärler. Şeýle-de bolsa, olaryň käbir görnüşi mollýusklar we ýyrtyjy jandarlar bilen iýmitlenýärler. Bu balyklaryň ýene bir täsin tarapy uklamazdan ozal daşyny pile bilen örtmegidir. Balygyň agzyndan çykýan bu örtük tutuş bedenini gurşap alýar. Şeýlelikde, ýyrtyjy jandarlar bu balygyň ysyny alyp bilmeýärler. Şeýle hem bu örtük dürli mugthorlardan hem goraýar.

Toty balyklarynyň reňki her ýyl üýtgeýär. Ilkibaşda gyzyl, goňur ýa-da çal reňkde bolýar, ulaldygyça açyk gülgüne, mämişi, sary, açyk ýaşyl ýa-da gök bolýarlar. Olar ýumurtgalar arkaly köpelýärler. Toty balyklary häzirki wagtda seýrek duş gelýän jandar bolup, olary goramak we köpeltmek babatda birnäçe işler alnyp barylýar. Munuň üçin suwotular köpeldilýär. Şeýle hem ony awlamak çäklendirilendir.

# Guşlaryň täsin dünýäsi



**Ýyrtyjy guşlaryň iň kiçisi.** Ýyrtyjy guşlaryň arasynda iň kiçisi günorta-gündogar Aziýada duş gelýän gara aýakly kindiwanja laçyn (Microhierax fringillarius) hasaplanýar. Bu guşuň göwresiniň uzynlygy 5 santimetre, guýrugy bilen bilelikde 14-15 santimetre, agramy bolsa, takmynan, 35 grama barabardyr. Ganatynyň açyklygy 30 santimetr töweregi bolýar. Bu guşlar köplenç 1500 metr belentlikdäki dag gerişlerinde ýaşaýarlar.

◆ **Iň hüşgär jandar.** Zoologlar öý haýwanlarynyň ýoldan geçen wagty hüşgärligini barlamak üçin synag geçiripdirler. Synagyň netijesine görä, jandarlaryň arasynda iň hüşgäri gazdyr. Bu jandarlar ýoly kesip geçenlerinde, awtoulaglardan örän seresap bolýarlar. Pişik, towuk we it hem bu babatda hüşgärligi bilen tapawutlanýar.

◆ **Uzak ýaşaýan guşlar.** Guşlaryň birnäçe görnüşi, esasan hem, uly guşlar uzak ýaşaýarlar. Meselem, bürgütler, gajarlar we totular 50-70 ýyl ýaşaýarlar. Guşlaryň ömrüniň ortaça dowamlylygy: çarlak 36, ördek, gaz we guw 23, uzynganat 21, daşdeşen bolsa 12 ýyl ýaşaýar.

◆ **Iň kiçi ýumurtga.** Ýamaýkada ýaşaýan kindiwanja kolibriniň («Mellisuga minima») ýumurtgasy iň kiçi ýumurtga hasaplanýar. Bu guşuň ýumurtgasynyň uzynlygy 1 santimetre, agramy bolsa 0,365 grama barabardyr.

◆ **Iň uly ýumurtga.** Afrika düýeguşunyň ýumurtgasynyň uzynlygy 15-20 santimetre, diametri 10-15 santimetre, agramy bolsa 1-1,70 kilograma barabardyr. Gabygynyň galyňlygynyň 1,5 millimetre deňdigine garamazdan, ol adamyň agramyny götermäge ukyplydyr.

◆ **Iň çalt uçýan guş.** Algyrlar iň ýyndam ýyrtyjy guşlaryň biri hasaplanýar. Awuny tutjak bolanda ýokardan aşak inýän algyryň («Peregrine falcon») tizligi sagatda 390 kilometre ýetýär.

◆ **Iň ýyndamy.** Guşlaryň arasynda iň ýyndamy Afrika düýeguşudyr. Göwresiniň agyrlygyna garamazdan, olar sagatda 72 kilometr tizlik bilen ylgap bilýärler.



Begemotyň kellesi gaty uly bolup, umumy agramynyň 35%-ini düzýär. Olar agzyny 150 derejede açyp bilýärler.

# SUWDA ÝAŞASA-DA ýüzüp bilmeýän jandar







**Haýwanat dünýäsi täsinliklere baý bolup, ondaky janly-jandarlaryň käbiriniň özüne mahsus aýratynlyklary bar. Mysal üçin, göräýmäge suwda ýaşaýan jandarlaryň ählisi ýüzüp bilýän ýaly, ýöne muny başarmaýanlaram bar. Bularyň hatarynda begemoty görkezmek bolar.**

Begemotyň ýüzüp bilmeýändigine adaty ýagdaýda ynanmak kyn. Sebäbi ol suwda ýaşaýar, haçan görseň suwuň içinde gezip ýör. Olaryň ýaşaýan ýerlerem ýalpak suwlar (batgalyk) hasaplanýar. Ýöne muňa garamazdan begemot hakykatdan hem ýüzüp bilenok. Olar kölde ýa-da deňizde suwuň düýbünden ýöräp gidýärler. Birnäçe minutlap suwuň aşagynda demini saklap ýene-de ýöräp kenara gaýdyp gelýärler. Kähalatda suwuň ýüzüne çykyp, ýeliň ugruna akyp, kenara hem dolanýan begemotlaryň bu hereketi bize edil ýüzýän ýaly bolup görünýär.

Hem gury ýerde, hem suwda ýaşaýan iň uly süýdemdirijileriň biri bolan begemotyň agramy 1 tonnadan 4,5 tonna çenli ýetýär. Sagatda 15 kilometr tizlik bilen hereket edip bilýän begemotlar gündizine suwda dynç



alyp, gijesine iýmitlenmek üçin 6 sagat töweregi gury ýere çykýarlar. Olaryň esasy iýmiti gamyş, ownuk baldakly otlar, käbir ösümlikleriň süýji kökleri, miweler bolup, käwagt et hem iýýärler. Gündelik iýmit mukdary 13-68 kilogram aralygynda bolup, iýmiti çeýnemän, agzynda saklap ýumşadýarlar we ýuwudýarlar. Olaryň ösen ys alşy we eşidiş ukyby bolup, kiçijik gulagy hatda ýere gaçýan miweleriň sesini eşitmäge mümkinçilik berýär. Gündizine suwda ýaşamagynyň esasy sebäpleri: iýen iýmitini siňdirmek we Gün şöhlesinden goranmakdyr.

Esasy mekany Afrika sebiti bolan begemotlaryň iki görnüşi: uly we kiçi görnüşi bar. Dünýäde pillerden we ak kerklerden soň, iň uly üçünji süýdemdiriji hasaplanýan bu jandarlar ýaşaýan ýerini berk gorap, ýokary gözegçilikde saklaýarlar. Nätanyş jandarlary öz arasyna eltmeýän begemotlar howply hasaplanýar.

# BEGEMOT BARADA TÄSIN MAGLUMATLAR:

- Begemotyň kellesi gaty uly bolup, umumy agramynyň 35%-ini düzýär. Olar agzyny 150 derejede açyp bilýärler.
- Begemotlar günde 16 sagatlap suwuň içinde bolýarlar, şol sebäpli olar derlemeýärler. Şeýle-de olar suwuň içinde uklap hem bilýärler.
- Begemotlar suwuň aşagynda 5 minut saklanýarlar. 4-5 minut suwuň ýüzüne dem almak üçin çykyp, ýene-de suwuň düýbüne çümýärler.
- Begemotlar bir gijede azyndan 27 kilogram ot iýýärler.
- Filippinleriň Manila haýwanat bagynda saklanan begemot 65 ýyl ýaşady. Begemotlaryň ortaça ömri 40-50 ýyldyr.
- Dünýä medeniýetinde begemotlara uly üns berilýär. Mysal üçin, belgiýaly meşhur suratkeş Piter Pol Rubensiň «Begemot we krokodil awy» atly meşhur kartinasy bar. Begemot multfilmlerde hem dürli keşplerde: «Disney»-iň «Fantasia» multfilminde balerinanyň, «Madagaskar» multfilminde Gloriýanyň, «Gýugo we Gippo» multfilminde Gýugonyň, «Dur, bakaly!» multfiliminde şäher ýaşaýjysynyň keşbinde görkezilýär.



# AÝÝMY ÝA-DA KOALA?

Daşyndan göräýmäge aýy ýa-da ullakan gemriji ýalydyr. Bedenindäki aýratynlyklara seredeniňde koala hem meňzeýär. Şeýle meňzeşliklere garamazdan, wombat Awstraliýada ýaşaýan endemik jandar bolup, süýdemdirijileriň hordalylar tipine girýär. Bedeniniň uzynlygy 70-130 santimetre, agramy 20-45 kilograma ýetýän bu jandar äpet göwresi bilen tapawutlanýar. Ullakan kelleli, çalymtylgoňur sütükli, kiçijik gözli bu jandaryň keltejik guýrugy bar. Sagatda 40 kilometr tizlik bilen ylgap bilýän wombatyň bäş barmagynyň dördüsi ýiti dyrnakly bolup, ony ýer gazmakda peýdalanýar. Bu jandaryň görşi pesräk bolup, eşitmek we ys almak duýgusy has ösendir. Howplardan goranmak üçin çaltlyk bilen agaja çykyp, suwa çümüp hem-de ylgap bilýär. «Tunnel gazyjylar» adyny alan bu jandarlar ullakan hinleri gazýarlar we howp abanan ýagdaýynda hininiň agzyny gum bilen ýapyp goýýarlar. Wombatlar gündizine gaçybatalgalarda dynç alyp, gijesine awa çykýarlar. Olaryň esasy iýmiti otlaryň ter ýapragy bolup, käwagt ösümligiň kökleri, kömelekdir miweler bilen hem iýmitlenýärler. Geň galmaly ýeri, bularyň iýmit alyş-çalşygy gaty haýal bolup, iýmit siňdirmek üçin 14 gün garaşýarlar. Wombat düýeden soň suwsuzlyga iň çydamly süýdemdiriji hasaplanýar.

Wombatlar irki süýdemdirijileriň biri bolup, Awstraliýanyň dürli ştatlarynda dürli tebigy şertlerde ýaşaýarlar. Awstraliýanyň käbir fermalarynda bu «utanjaň jandarlar» öý haýwanlary hökmünde hem saklanýar.



**Wombat barada gyzykly maglumatlar:**

- Eger howp dörese, özüni kellesi bilen süsmek arkaly goraýar.
- Wombatlaryň hem kengurularyňky ýaly çaga göterýän haltajygy bar.
- «Tunnel gazyjylar» uzynlygy 20 metre, ini 3 metre ýetýän ýerasty hinleri gurup, maşgala bolup ýaşaýarlar.
- Olaryň iýmit siňdirmegi üçin 14 gün gerek. Wombat uzak wagtlap iýmit siňdirmegi bilen tapawutlanýan ýeke-täk jandar bolup, her gün 22 ml suw bilen oňup bilýär.
- Wombatyň iň ýakyn «garyndaşy» koala hasaplanýar.
- Wombatyň bary-ýogy 4 dişi bar: ýokarky äňinde 2, aşaky äňinde 2 sany.
- Täze Günorta Uels ştatynda bu jandaryň adyny göterýän Wombat şäheri bar.



# Tukan – endemik neotropik guş

Neotropik sebitde ýaşaýan täsin jandarlaryň biri hem tukan bolup, ol «capitonidae» (sakgally) guşlar maşgalasyna degişlidir. Bu guşlar açyk reňkli ýeleklerinden başga-da, çüňküniň dürli reňkde bolmagy bilen beýleki guşlardan tapawutlanýar. Kyrkdan gowrak görnüşi bolan bu guşlar 5 topara bölünýär. Tukanlar Ýer ýüzüniň ähli ýerinde gabat gelmeýär. Meksikanyň günortasyndan Argentinanyň demirgazygyna çenli aralykdaky neotropik sebitde ýaşaýan endemik guş bolan tukanlaryň käbir görnüşi pes tropiki düzlüklerde, sowuk howaly belentliklerde hem duş gelýär.



Tukanlar jübüt ýa-da kiçiräk topar bolup, adatça tokaýda ýaşaýarlar. Boýy 29-63 santimetre, çüňküniň uzynlygy 15-17 santimetre ýetýän bu guşlaryň kelteden güýçli aýaklary, gysga hem-de ýogyn boýny bar. Örän gysga aralyga uçup bilýän tukanlaryň kiçijik ganatlary we ujy tegelek gysga guýrugy bolýar. Daşyndan göräýmäge matadan tikilen oýnawaja meňzeýän tukanlaryň ýelekleri gara bolup, kellesiniň iki gapdalyndan döşüne çenli ak zolagy bar. Gözüniň ýerleşýän ýeri sary menekli bu guşlaryň çüňküniň ujunda we başlanýan ýerinde tapawutlandyryp duran gara zolaklary bolup, günuzyn bir şahada oturyp, az hereket edip, daş-töweregindäki miweleri iýmekde uzyn çüňki ýardam edýär. Bilermenleriň bellemegine görä, tukanlar çüňküniň ýeňildigi üçin iýmiti ýolmakda we iýmekde kynçylyk çekmeýär. Çüňkünde kertik-kertik dişleriniň bardygyna garamazdan bu guşlar diňe miweler bilen iýmitlenýärler.

Dünýäniň birnäçe haýwanat bagynda beýleki guşlar bilen birlikde tukanyň hem käbir görnüşi idedilýär. Mundan başga-da, tukanyň şekilinde robot hem-de matadan tikilen görnüşinde oýnawaçlar hem öndürilýär. Köp oýnawaçlarda bu guş eli gitaraly aýdymçynyň şekilinde görkezilýär. Şeýle hem galam gutularynda, çaga termoslarynda, surat albomlarynyň daşynda hem-de bezeg işlerinde tukanlaryň komediýaly keşplerine duş gelmek bolýar.

# Ýewropanyň IŇ ULY PIŞIGI

Ýewropa diňe bir taryhy ymaratlary bilen tanalman, eýsem, baý tebigaty bilen hem bellidir. Haýwanat we ösümlik dünýäsine baý bolan Ýewropada dünýäniň beýleki materiklerinden tapawutlylykda, hiç hili çöllük gabat gelmeýär. Diňe belli bir sebitde ýaşaýan – endemiki jandarlaryň onlarçasy Ýewropada duş gelýär. Şeýle jandarlaryň biri hem ryslardyr. Az sanlysynyň galandygy sebäpli ýabany pişigiň bu görnüşi goralyp saklanýar. Rys Ýewropada duş gelýän iň uly ýyrtyjy pişik hasaplanýar. Biziň ýurdumyzda duş gelýän garagulaklara meňzeş bolan bu jandara latynça «lynx» diýilýär. Ýabany pişikler maşgalasynyň agzasynyň jemi dört görnüşi bolýar. Agramy 4,5 kilogramdan 17 kilograma çenli bolýan bu jandaryň boýy 67-106 santimetr aralygynda bolýar. Ryslaryň ömrüniň dowamlylygy 25 ýyl. Adaty pişiklerden 5 esse agyr bolýan bu jandarlaryň gulaklary uzyn we gulagynyň ujunda gara tüýjagaz bolýar. Howa sowap başlanda onuň bedeniniň ähli ýerindäki tüýleri ösýär. Bu jandarlar uly penjeli, goýy goňur reňkli, bedenine görä kellesi kiçi bolýar.





Ryslar, adatça seljeň sosna tokaýlarynda ýaşaýarlar. Olaryň käbir görnüşi deňiz derejesinden 3000 metr belentlikde ýaşaýar. Ryslar beýige dyrmaşmakda ökde boluşlary ýaly, ýüzmekde hem ökde bolýarlar. Beýleki ýyrtyjy jandarlar ýaly, ryslar hem awuna ilki ýiti göreji bilen syn edýärler, soňra assyrynlyk bilen oňa golaýlap, bir towsanda ony tutmaga çalyşýarlar. Ryslar kähalatlarda topar bolup hem aw edýärler. Häzirki wagtda Norwegiýada, takmynan, 600 rysyň bardygy çaklanylýar. Bu jandarlar Bütindünýä tebigaty goraýyş bileleşigi tarapyndan hasaba alnan, howp astyndaky 120 süýdemdirijiniň biridir. Ryslaryň beýleki görnüşleri Ýewropa ýurtlaryndan başga-da, Demirgazyk Amerikanyň tokaýlarynda, Kanadanyň we Meksikanyň günorta sebitlerinde duş gelýärler.

# Iň ýyndam jandar

Pişikler maşgalasynyň iň ýyndam agzasy bolan geçigaplaňlar Afrikanyň köp ýerinde, şeýle hem Ýakyn Gündogarda duş gelýär. Süýdemdirijileriň bir görnüşi bolan bu ýyrtyjy jandarlar çalasynlygy bilen tapawutlanýarlar. Geçigaplaňlar gysga wagtda ýokary tizlige çykmagy başaryp, ylgap başlandan 3 sekunt geçenden soňra tizligini 110 km/sagada ýetirip bilýärler. Şol sebäpli öz awlaryny gysga wagtda tutýan geçigaplaňlar ýokary tizlikde ylgaýandygy sebäpli çalt ýadaýarlar. Geçigaplaňlaryň 460 metrden uzaga ylgap bilmeýändigi sebäpli aw etjek bolanlarynda bir minutdan az ylgaýarlar. Şol wagtyň dowamynda awunyň yzyndan ýetip bilmese, awundan geçmeli bolýarlar. Köp dilde geçigaplaňa «çita» diýilýär. Bu söz sanskrit dilindäki «menekli» diýmegi aňladýan «çitraka» sözünden geçipdir. Bu jandarlaryň derisi menekli bolýar. Geçigaplaňlaryň gözüniň aşagyndan agzyna çenli gara çyzyk bolýar. Bu gara çyzyk jokrama yssyda Gün şöhlesiniň täsirini azaldyp, awuny uzakdan görmäge mümkinçilik berýär. Şeýlelikde, geçigaplaňlar beýleki ýyrtyjylardan tapawutlylykda günortanyň yssysynda hem aw edip bilýär.

Maglumatlara görä, Ýer ýüzünde geçigaplaňlaryň sanynyň 10 müňden azdygy çaklanylýar. Kämil myşsalary, inçe



bedeni, kiçi kellesi we uly gözleri olara aw etmegi aňsatlaşdyrýar. Şeýle hem bu jandaryň uly döşi we öýkeni ýokary tizlikli ylgaýan wagty aňsat dem almaga kömek edýär. Çägesöw sarymtyl reňkli bolýan bu jandaryň agramy 40-65 kilogram, bedeniniň uzynlygy 115-140 santimetr, guýrugynyň uzynlygy 80 santimetr töweregi bolýar.

Olar, esasan, orta ululykdaky haýwanlar – toýnaklylar, jerenler we towşanlar bilen iýmitlenýärler. Geçigaplaňlar irden ýa-da agşam howanyň aşa gyzmadyk wagty aw edýärler. Olar ys almak bilen däl-de, gözi bilen görüp awlamaga ukyplydyrlar. Bu jandarlar Afrikanyň we Aziýanyň köp ýerinde duş gelýärler.



# Mör-möjekler näçeräk beýiklige uçup bilýärler?

**Howanyň maýlamagy bilen dürli mör-möjekler peýda bolup başlady. Ýer ýüzünde kebelekleriň we arylaryň ýüzlerçe görnüşi bar. Eýsem, mör-möjekler deňiz derejesinden näçe metr belentlikde ýaşap bilýärlerkä?!**





Alymlar bu sowalyň jogabyny tapmak üçin uzak aralykdan ýazga almak we ýaşaýan tebigy şertlerinde üstünden barmak arkaly usullardan peýdalanýarlar. Geçirilen barlaglara görä, mör-möjekler adatça, 5 müň metrden aşakda ýaşaýarlar. Şeýle-de bolsa, 6 müň metr belentlikde hem käbir mör-möjeklere gabat gelnipdir. Emma bu mör-möjekleriň beýle belentlikde hemişelik ýaşamaýandygy, dag eteginden ýokary göterilýän howa akymy sebäpli şeýle belentlige wagtlaýyn çykýandygy çaklanylýar. Belentlikde howanyň dykyz, kislorodyň mukdarynyň az we howanyň sowuk bolmagy mör-möjekleriň uçmagyny kynlaşdyrýar. Mysal üçin, howanyň dykyzlygynyň azalmagy ganatlaryň hereketiniň netijesinde emele gelýän ýokary göterijilik güýjüniň görnetin azalmagyna sebäp bolýar. Bedeniniň ulylygyna görä has kiçi ganatlary bolan «Bombus» arylarynyň 4 müň metr belentlikde ýylyň ähli paslynda ýaşaýandygy anyklanypdyr.

## MÖR-MÖJEKLER BARADA GYZYKLY MAGLUMATLAR

- Gara meneklije, sarymtyl ýa-da gyzyl reňkli tomzajyklar bolan kekeneleriň tropik howaly ýerlerde gök we ýaşyl reňkli görnüşleri gabat gelýär. Bu jandarlar oba hojalygyna zyýan beriji mör-möjekleri iýýärler.
- Teneçirleriň esasy iki görnüşi bolup, olaryň biriniň ganatlary uçmaýan wagty açyk, beýlekisiniňki bolsa biri-birine degip durýar. Şeýle hem bu teneçirler dört ganaty bolan seýrek duş gelýän jandar hasaplanýar.
- Arylar we beýleki mör-möjekler bal ýygnamak üçin güllere gonanlarynda olaryň tozgalanmagyna hem sebäp bolýarlar. Şeýlelikde, medeni we ýabany ösümlikler hasyl berýär.





- Möýüň kerebi polatdan bäş esse berk bolýar.
- Iň gymmatly süýüm hasaplanýan ýüpegi almak üçin ýüpek gurçuklary ýörite ididilýär.
- Käbir mör-möjekler dürli maksatlar üçin kosmos giňişligine iberilipdir.
- Mör-möjekleriň suwuň ýüzünde ýöräp bilýän görnüşleri hem bolýar.
- Güýçler biri-biriniň ysyny 1,5 kilometr uzakdan alyp bilýärler.

# Äpet jandarlaryň ýaşaýan ýeri

Afrikanyň köp bölegini dünýäniň iň uly çöli hasaplanýan Sahara eýeleýär. Şeýle-de bolsa, dünýäniň iň uzyn derýalarynyň biri bolan Nil hem bu ýerden akyp geçýär. Afrikada dünýäniň beýik daglary, gür tokaýlary, derýalary we beýik şaglawuklary hem bar. Günorta Afrika Respublikasynyň demirgazyk-gündogarynda ýerleşýän Krýuger milli seýilgähinde bolsa, dürli jandarlary we täsin ösümlikleri görmek bolýar. 19 müň 485 kwadrat kilometri eýeleýän, aýratyn goralýan bu sebit Afrikada tebigy ýaşaýşyň bolan iň giň sebitleriniň biri hasaplanýar. 1926-njy ýylda esaslandyrylan goraghana ýurduň 1825-1904-nji ýyllarda ýaşap geçen ýolbaşçysy Paul Krýugeriň ady dakylypdyr. Bu ýerde süýdemdirijileriň 248, guşlaryň 505 we süýrenijileriň 118 görnüşi gabat gelýär.

Günorta Afrika Respublikasynyň Milli seýilgähleriniň (SANPARKS) maglumatlaryna görä, seýilgähiň tapawutly aýratynlygy bu ýerde Afrikanyň iň uly 5 jandarynyň ýaşamagydyr. Bu ýerde ýolbars, bars, gara kerk, Afrika pili we Afrika gäwmişi ýaşaýar. Şeýle hem tebigy seýilgähde Afrika ýabany iti, geçigaplaň, menekli syrtlan, žiraf, zebra, antilopa we krokodil ýaly iri jandarlara gabat gelmek bolýar. Ösümlikleriň we agaçlaryň iki müňe golaý görnüşi ösýän tebigy seýilgähiň köp ýerini gyrymsy we ýarym gyrymsy agaçlar tutýar. Bu ýere tebigy ýaşaýşy görmek üçin barýan myhmanlar hem az däl. Afrikada şeýle ýerleri görmek üçin edilýän gezelençlere «safari» diýilýär. Aslynda, Ýewropa we beýleki dillere arapçadan geçen bu söz aw etmek maksady bilen tokaýa gitmek manysynda ulanylýan eken. Häzirki wagtda bolsa myhmanlary ýörite ulaglar arkaly bellenen aralykda ýolbeletleriň gözegçiliginde amala aşyrylýan gezelenje aýdylýar. Bu gezelençler jandarlary we medeni ýaşaýşyň bolan ýerlerinde gabat gelmeýän ösümlikleri görmäge mümkinçilik berýär. Adatça, bu gezelençlerde ulagdan düşmäge rugsat berilmeýär. Tebigy seýilgähiň gaty az ýerinde ýöremäge rugsat edilýär. Sebit yssy bolany üçin gezelençler ir ertir ýa-da giç öýländen soňra guralýar. Ýolbeletler bu seýilgähiň adamlaryň barmagyna rugsat edilýän ýerlerini görmek üçin üç günüň gerekdigini belleýärler. Şeýle hem seýilgähiň ähli ýerine baryp bolmaýar.



Tebigy ýaşaýşy görmäge gelýänlere hödürlenýän hyzmatdan alynýan girdeji bu ýerdäki jandarlary we ösümlikleri gorap saklamak üçin sarp edilýär.

# Agaçda ýaşaýan JANDARLAR

**GUŞ.** Uçýan jandarlaryň ýüzlerçe görnüşi bolup, olaryň köpüsi agaç



şahalarynda höwürtge ýasanýarlar. Deňiz kenarlaryndaky kert gaýalarda, çägeliklerde we düzlüklerde höwürtge ýasanýan ýa-da hiç hili höwürtge ýasanmaýan guşlar hem bolýar. Agaçlar dürli jandarlaryň, şol sanda guşlaryň ýaşamagy üçin tebigy täsirlerden we duşmanlaryndan goranmagy üçin şert döredýär. Şeýle bolansoň, guşlaryň ululy-kiçili onlarça görnüşi agaçlardaky köweklerde ýa-da öz ýasan höwürtgesinde ýaşaýarlar.

**BELKA.** Isle ýekejesi ösüp oturan bolsa, isle-de bagyň içinde ýa-da



sümme tokaýlykda bolsun, tapawudy ýok, agaçlar ululygyna görä aýratyn ekoulgamy döredýärler. Ýer ýüzünde ýaşaýşyň dowam etmegine uly goşant goşýan agaçlarda guşlar höwürtge ýasanýan bolsa, onuň ýapraklary hem-de gabygy ululy-kiçili jandarlar üçin iýmit çeşmesi bolup hyzmat edýär. Şahadan-şaha böküp gezýän belkalar dünýäniň dürli ýerlerinde ýaşaýarlar. Bu jandarlar diňe adamlardan uzakdaky tokaýlarda däl, eýsem, käbir şäherlerdäki seýilgählerde hem gabat gelýär. Bu enaýyja jandarlar wagtynyň köp bölegini agajyň üstünde geçirýärler. Belkalaryň boýy 18-25 santimetr, guýrugy 14-20 santimetr aralygynda bolýar. Olar, adatça, iýmitlenmek üçin gündizine daşaryk çykýarlar. Dik agaja dyrmaşyp bilýän çalasyn jandarlary kiçi wagty eldekileşdirip hem bolýar. Ýewropanyň Islandiýadan başga ähli ýerinde, Aziýa ýurtlarynyň köpüsinde we Amerikada tebigy ýagdaýda ýaşaýan belkalar agaçlaryň guran şahalarynda, haçjalarynda, daşdeşeniň deşen köweklerinde özlerine öýjagaz ýasanýarlar.

**MAÝMYN.** Köpçülik bolup ýaşaýan bu jandarlar iň akylly haýwanlaryň biri



hasaplanýar. Birnäçe görnüşi bolup, aňsatlyk bilen agaja dyrmaşyp hem-de bir agaçdan beýleki bir agaja böküp bilýän maýmynlar şahalaryň arasynda gezenlerinde diňe aýaklaryny däl, eýsem, deňagramlylygyny saklamak üçin guýruklaryny hem

ulanýarlar. Adatça gür tokaýlarda ýaşaýan bu jandarlar miwe, ýaprak, mör-möjekler, güller, kiçiräk süýdemdirijiler, süýrenijiler, ýerde-suwda ýaşaýan zatlar bilen iýmitlenýärler. Düzlüklerde, garly daglaryň depelerinde, hatda çölde ýaşaýan görnüşleri hem bolan maýmynlaryň köp bölegi tropik tokaýlarda gabat gelýär. Iň kiçi maýmynyň uzynlygy 15 santimetre, agramy 120 grama barabar.



■ **ÝALTA HAÝWAN.** Ýer togalagyndaky iň täsin jandarlaryň biri gymyldamagy halamaýandygy üçin şeýle atlandyrylýar. Orta we Günorta Amerikada ýaşaýan bu jandaryň latynça ady: «Bradypus pygmaeus». Günde ortaça 35-40 metr ýöreýän bu jandarlaryň, esasan, iki görnüşi – iki hem-de üç dyrnaklysy bar. Agaçlaryň şahalarynda ýaşaýan bu jandarlar, esasan, ýapraklar we ownuk mör-möjekler bilen iýmitlenip, iýmitinden alýan energiýasy özi bilen deň jandaryňkydan iki esse azdyr. Bu jandarlar haýal hereket edensoň, bu energiýa olaryň ýaşamagy üçin ýeterlik bolup, iýmitlenmek üçin köplenç gijesine daşaryk çykýarlar. Olaryň üç barmaklysynyň iň kiçi görnüşi diňe Karib deňzindäki Eskudo de Weraguas adasynda ýaşaýar. Örän haýal hereket edýändigine garamazdan, bu jandarlaryň sany azalmandyr. Sebäbi olaryň duşmanlary köp bolsa-da, tutmak aňsat däl. Şeýle hem olaryň derisiniň reňki agaçlaryňka örän meňzeş. Şol ýerde ýaşaýan bürgütleriň gözi näçe ýiti hem bolsa, gaty zerur bolmasa hereket etmeýän bu jandarlary görüp bilmeýär.



■ **KOALA.** Awstraliýanyň gündogaryndaky we günortasyndaky tokaýlarda ýaşaýan, wagtynyň köp bölegini agajyň üstünde geçirýän bu jandaryň kümüşsöw çal reňkli tüýi goýnuň ýüňi ýaly ýumşak bolýar. Kengurularyňky ýaly bu jandarlaryň hem haltasy bolýar. Boýy 60-85 santimetr, agramy 4-15 kilogram aralygynda bolýan koalalar hemişe gök öwsüp oturýan ekwalipt agaçlarynyň ýapraklary bilen iýmitlenip, günüň 20 sagadyny uklap geçirýärler.

Bulardan başga-da, mör-möjekleriň dürli görnüşleri, kirpi, panda ýaly beýleki jandarlar hem wagtynyň köp bölegini agajyň üstünde geçirýär.

# Dünýäniň iň uly BALYKLARY

Golaýda Kambojada agramy 300 kilograma golaý bolan, uzynlygy 4 metre ýetýän balyk tapyldy. Mekong derýasyndan tutulan bu äpet balyk degişli ölçegler edilip, yzarlamak üçin enjam dakylandan soňra gaýtadan derýa goýberildi.

Alymlar äpet orlýakşekilli balygyň häzire çenli anyklanan süýji suwda ýaşaýan iň uly balykdygyny aýdýarlar. Mundan ozal 2005-nji ýylda Tailandda agramy 293 kilogram bolan lakga balygy tutulypdy.

Kamboja dünýäde balygyň iň köp ýaşaýan ýurtlarynyň biri hasaplanýar. Mekong derýasynda balygyň müňden gowrak görnüşi bilen bir hatarda leňňeçler, ýylanlar, pyşbagalar we gurbagalar hem gabat gelýär. Gözbaşyny Tibet platosyndan alyp gaýdýan bu derýa Hytaý, Mýanma, Laos, Tailand, Kamboja we Wýetnam döwletleriniň üstünden geçýär. Eýsem, süýji suwda ýaşaýan başga nähili balyklar barka?!

Derýalarda, köllerde we akar suwlarda ýaşaýan balyklara süýji suwda ýaşaýan balyklar diýilýär. Bular deňizdir ummanlardaky balyklardan tapawutly bolýar. Derýada ýaşaýan balygy deňze goýberseň ýaşap bilmeýär. Sebäbi, deňziň suwy aşa şor bolup, düzüminde köp mukdarda duz bolýar. Deňizde ýaşaýan balyk bolsa derýada ýaşap bilmeýär. Balyklaryň käbir görnüşi bolsa süýji hem-de şor suwda ýaşap bilýär.

**Akbalyk.** Balygyň bu görnüşi Hazar we Gara deňziň basseýninde gabat gelýär. Bu balyklaryň sany soňky ýyllarda azalypdyr. Olaryň sanynyň köpeldilmegi üçin emeli usulda ösdürilip, suwa goýberilýär.

Öňki döwürlerdäki maglumatlarda akbalygyň uzynlygynyň 5 metre, agramy 1,5 tonna ýetendigi bellenilýär. Ýyrtyjy balygyň käbir görnüşi süýji we şor suwuň garyşýan ýerleri bolan dilkawlarda, ýagny derýalaryň deňze guýýan ýerlerinde hem ýaşaýar. Käbir görnüşi bolsa diňe deňizde ýaşaýar.

▶ **Mekong äpet lakgasy.** Lakganyň dürli görnüşleri bolup, ýyrtyjy balygyň Mekong derýasynda ýaşaýany olaryň iň ulusy hasaplanýar. Bu balyklar uzak ýaşaýandygy bilen hem bellidir.

Geçirilen barlaglara görä, olar 60 ýyla çenli ýaşaýarlar. Mekong lakgasynyň uzynlygy 3 metre, agramy 300 kilograma golaý bolýar. Tailandda we Laosda bu balygyň tutulmagy çäklendirilýär.

▶ **Alligator balygy.** Iki hatarly dişleri we krokodiliňkä meňzeş burny bolan bu ýyrtyjy balyklar süýji we şor suwda ýaşap bilýärler. Uzynlygy 3 metre, agramy 160 kilograma golaý bolýan bu jandarlar Demirgazyk Amerikadaky derýalarda ýaşaýarlar. Missisipi derýasynyň aşaky akymynyň basseýninde gabat gelýän balyklar 50 ýyla çenli ýaşaýarlar.

▶ **Arapaýma.** Amazonka derýasynda gabat gelýän bu jandarlaryň uzynlygy 3 metre, agramy 135 kilograma barabar bolýar. Braziliýada, Peruwda we Gaýanada gabat gelýän bu täsin balyk suwuň daşynda hem dem alyp bilýär. Olar suwuň daşynda 24 sagada çenli ýaşap bilýärler.

▶ **Orlýakşekilli äpet balyk.** Süýji suwda ýaşaýan we balyk hasaplanýan hem bolsa, onuň daşky şekili deňizde ýaşaýan jandarlara meňzeýär. Süýji suwda ýaşaýan iň uly jandarlaryň biri bolan tegelek şekilli bu balygyň 1990-njy ýyllarda alymlar tarapyndan haýsy topara degişlidigi kesgitlendi. Bu balygyň agramy 600 kilograma, uzynlygy 4,5 metre çenli bolup bilýär.













# «Ýöreýän» balyk

Suwda ýaşaýan beýleki jandarlar ýaly balyklar hem suwdan çykanlarynda dem alyp bilmeýärler. Balygyň takmynan 28 müň görnüşi bar. Suw bolmasa balyklar ýaşap bilmeýärler. Balyklaryň dem alyş ulgamy gury ýerde ýaşaýan jandarlaryňkydan tapawutlanýar. Olar žabralary bilen dem alýarlar. Akwariumdaky balyklaryň köplenç agzyny açyp-ýumýandygyny görensiňiz. Şeýtmek bilen dem alýan balyklaryň žabralary suwdaky kislorody süzüp almaga ýardam edýär. Şeýle-de bolsa, suwdan çykyp, «arassa» howadan dem alyp bilýän balyklar hem bar.

Balyklaryň az sanly görnüşi suwdan az wagtlyk daşyna çykyp bilýär. Hatda guýrugynyň we ýüzgüçleriniň kömegi bilen öňe süýşüp hem bilýär. Balygyň bir görnüşi bolsa, deňiz jandarlaryndan gaçanynda suwdan towsup çykyp, ýüzgüçlerini ganat hökmünde ulanyp, birnäçe metr aralygy «uçup» geçýär.

Balygyň kähalatlarda iýmit gözlemek üçin suwdan çykýan görnüşleri hem bar. «Oxudercinae» maşgalasyna degişli bolan bu balyklar deňiz kenarlaryndaky batgalyklara çykýarlar. Batganyň üstünde süýrenip ýöräp bilýän, suwdan çykan wagty gury ýerde ýaşaýan beýleki jandarlar ýaly howadan dem alýan, şeýle balyklara Ýaponiýada we Hindistanda has köp gabat gelinýär. Balyklaryň gury ýere çykmagynyň sebäbi deňiz kenarynda joşgun-gaýtgyn hadysasy sebäpli iýmitiň köp bolmagy bilen baglydyr. Suw beýgelip, yzyna gaýdandan soňra adaty balyklar hem suwuň çekilmegi bilen deňze tarap gidýärler. Emma dürli ownuk deňiz jandarlary batgaly kenarda galýarlar. Bu bolsa, gury ýerde hereket edip bilýän balyklar üçin baý iýmit çeşmesi bolup hyzmat edýär. Şeýle hem suwuň beýgelip-peselýän ýerinde dürli ösümlikler hem bolýar. Bu otlar hem «ýöreýän» balyklar üçin aňsat tapylýan iýmit bolýar. Howadan dem alyp bilýän hem bolsa, diňe batgalykda hereket edip bilýär bu balyklar bütinleý gury ýere çykyp bilmeýärler. Bu täsin balyklaryň žabralary suwdan çykan wagty ýapylýar we açyk howada guramaýar. Şeýlelikde suwuň daşyndakalar derisindäki deşijekler arkaly dem alýarlar.

Balygyň başga-da birnäçe görnüşi suwdan çykyp, 20 minuta çenli suwuň daşynda ýaşap bilýär.

# Kitler suwda nädip eşidýärler?

Kitlere dünýä ummanlarynyň köp ýerinde duş gelnip, olaryň birnäçe görnüşi bolýar. Bu jandaryň iň ulusy hasaplanýan gök kitiň boýy 30 metr, agramy bolsa 90-190 tonna aralygynda bolýar. Süýdemdirijiler ýaly kitler hem öýkeniniň kömegi bilen dem alýarlar. Olar suwda ýaşaýan hem bolsa çagalaryny süýt bilen iýmitlendirýärler. Kitleriň käbir görnüşinde saçynyň bolmagy hem örän täsindir. Kitleriň ses çykaryp, biri-biri bilen habarlaşýandygy mälimdir. Şu wagta çenli bu jandarlaryň nähili eşidýändiklerini bilmek üçin dürli barlaglar geçirildi. Bu jandaryň bedeniniň iri süňkleri bilen birleşýän çylşyrymly gulak süňkleri bar. Bu maglumatlara esaslanyp, kitleriň süňkleriniň eşidiş duýgusy bilen baglanyşykly bolup biljekdigi ýüze çykaryldy. Geçen ýyl tapylan iki sany kit jikme-jik öwrenildi. Alnan netijelere görä, kitiň gulak süňkleri antenna hökmünde hyzmat edýär. 2018-nji ýylda Kaliforniýada geçirilen biologiýa konferensiýasynda hödürlenen netijelere görä, kitleriň gulagyndaky süňkler 10-200 gers aralygyndaky ýygylykdaky sesleri duýýar. Bu yrgyldylar gulaga ses görnüşinde geçirilýär.

## TEBIGATA PEÝDASY

◆ Geçirilen barlaglar kitleriň tebigata uly peýdasynyň bardygyny ýüze çykardy. Gury ýerde ösümlikler howany arassalaýan bolsa, ummanlary kitler arassalaýar. ABŞ-nyň San-Fransisko şäheriniň kenaryna golaý ýerlerde, ummanda geçirilen barlaglarda bu jandaryň bedeninde köp mukdarda kömürturşy gazyny saklaýandygy ýüze çykaryldy. Bu jandar öleninden soňra ummanyň aşagyna çökýär. Şeýlelikde, onuň bedenindäki kömürturşy gazy deňziň düýbünde galyp, deňiz ekoulgamynyň arassa bolmagyna goşant goşýar.

Golaýda Meksika aýlagynda ululygy 12 metre barabar bolan kitiň täze bir görnüşi tapyldy. Oňa bu jandary ilkinji tapan deňiz biology Deýl Raýsyň ady berildi. Bu jandar kitleriň beýleki görnüşlerinden kelleçanagy bilen tapawutlanýar. Geçirilen barlagda bu kitleriň sanynyň ýüzden hem azdygy anyklandy.



# «PUFFERFISH» – zäherli pökgüje balyk



Dünýä ummanlarynda balyklar maşgalasynyň ululy-kiçili 35 müň töweregi görnüşi ýaşap, olaryň daşky alamaty boýunça beýlekilere meňzemeýän birnäçe görnüşi bar. Şolaryň biri hem «pökgüje balyk» ady bilen tanalýan «pufferfish» bolup, beden gurluşy we zäherliligi bilen suw jandarlaryndan tapawutlanýar. Bu balyga «iňňegarynly» balyk hem diýilýär. Beýle diýilmeginiň sebäbi, olaryň bedeni iňňeli bolup, garny uly bol-





ýar. Bu balyklar köplenç adaty balyga meňzeş bolup, diňe üstüne howp abanandygyny duýan halatynda duşmanyny gorkuzmak üçin çişýär. Adatdaky ululykdan birnäçe esse çişmek üçin köp mukdarda suw bilen howany kabul edýär. Şeýlelikde, bularyň daşky görnüşi çişirilen topa meňzeýär. Bu balyklaryň köpüsinde tetrodotoksin (TTX) bar. TTX nerw öýjükleri we myşsalary dykyjy madda bolup, balyklaryň içege mikroflorasy tarapyndan öndürilýär. Pökgüje balygyň bedenindäki bu madda zäherli bolup, daş-töweregindäki janly-jandarlara howp salyp bilýär. Bu balyklaryň zäherlidigi gadymy Müsürde, takmynan, 3000-5000 ýyl ozal ýüze çykarylypdyr.

Ummanlarda «iňňegarynly» balygyň 120-den gowrak görnüşi ýaşaýar. Köpüsi tropik we subtropik umman çäklerinde duş gelip, käbir görnüşi süýji suwda hem ýaşaýar. Bu balyklaryň uly gözleri bolup, gabaklary daşyna sallanyp durýar. Alty ýüzgüçli «pufferfish»-leriň köpüsiniň derisinde zäherlidigini alamatlandyrýan garamtyl menekleri bolýar. Reňki bilen hem beýleki balyklardan tapawutlanýan pökgüje balyk daşyndan göräýmäge rezinden ýasalan ýumşak oýnawaja meňzeýär. Ululygy 2,5 santimetrden 90 santimetre çenli aralykda üýtgeýän ýyrtyjy balygyň bu görnüşiniň 4 dişi we ýiti burny bolýar. Pökgüje balyklaryň esasy iýmiti oňurgasyz jandarlar we suwoty bolup, uluraklary leňňeçdir midiýalar, balykgulakdyr ownuk balyklar bilen hem iýmitlenýär.

Pökgüje balygyň eti käbir ýurtda seýrek ýagdaýda iýilýän azyk önümi bolup, Ýaponiýada «fugu» atly görnüşi iň tagamly balyk hasaplanýar. Bu balygyň eti ýörite aşpezler tarapyndan seljerilip bişirilýär. Dünýäniň käbir sebitinde akwariumlarda hem saklanýan pökgüje balyklar çagalaryň bilesigelijiligini artdyrýan jandarlaryň biridir.







# PINGWINLER NIREDE ÝAŞAÝAR?

**Ýüzüp bilýän, ýöne uçup bilmeýän ýeke-täk guş bolan pingwinleriň dünýäde 20 töweregi görnüşiniň bardygy çaklanylýar. Daşky görnüşi, gysga aýagy, moýkuldap ýöremegi bilen köpçüligiň ünsüni özüne çekýän pingwinleriň esasy mekany Antarktida diýip bilinýän hem bolsa, olaryň yssy ýurtlarda, hatda çöllük ýerlerde ýaşaýan görnüşleri hem bar. Ýagny olar diňe demirgazyk ýarym şarda däl-de, ekwatora golaý ýerlerde hem ýaşaýarlar. Geliň, olaryň käbir görnüşi barada gyzykly maglumatlary öwreneliň!**



**Magellan pingwini.** 1520-nji ýyllarda portugaliýaly gözlegçi Fernan Magellan Ýer şarynyň daşyny aýlanmak üçin eden deňiz syýahatynda pingwinleriň bir toparynyň üstünden barýar. Şeýlelikde, pingwinleriň bu görnüşi syýahatçynyň hormatyna «magellan pingwini» diýlip atlandyrylýar. Folklend adalarynda, Günorta Amerikanyň Ýuwaş ummany we Atlantik kenarlarynda hem-de Argentinanyň deňiz ýakasynda ýaşaýan bu pingwinler «spheniscus» urugynyň iň uly agzalarydyr. Bu urug afrikaly pingwinleri, gumboldt we galapagos pingwinlerini öz içine alýar. Magellan pingwinleriniň boýy 70 santimetre, agramy 4-5 kilograma ýetýär. Kenardaky gaýaly tokaýlarda ýaşamaga uýgunlaşan deňziň ezber ýüzüjileri balyklar bilen bir hatarda deňiz otlary hem-de ýerde bitýän ösümlikler bilen hem iýmitlenýärler. 2004-nji ýylda magellan pingwinleri Tebigaty goramak boýunça halkara bileleşiginiň sanawyna girizildi.



**Galapagos pingwini.** Galapagos adasynyň günbatarynda ýaşaýan bu pingwinler guýrugyndan çüňküne çenli uzalyp gidýän gara ýelekleri bilen tapawutlanýar. Galyberse-de, onuň gözüniň gyrasyndan damagyna çenli ak zolagy bar. Galapagos pingwinleriň iň kiçi görnüşi hasaplanýar. Boýy 53 santimetr, agramy 1,5-2,5 kilogram töweregi bolan Galapagos adasynyň «ýaşaýjylary» külke balyklar bilen iýmitlenýärler. Kiçijik pingwinler azalýandygy sebäpli 2000-nji ýylda Tebigaty goramak boýunça halkara bileleşiginiň sanawyna girizildi.



**Afrikaly pingwinler.** Döşüniň üstünden we ýeňsesinden aýlawly gara zolagyň geçmegi hem-de aýagynyň gara bolmagy afrikaly pingwinlere mahsus alamatlardyr. Olar Namibiýanyň we Günorta Afrika Respublikasynyň kenarlaryny mesgen tutunandygy üçin «afrikaly pingwinler» diýip atlandyrylýar. Boýy 60-68 santimetr, agramy 3-4 kilogram töweregi bolup, yssy howa uýgunlaşan, balyklar bilen bir hatarda çägedäki mör-möjekler bilen iýmitlenýän afrikaly pingwinler 2010-njy ýylda ýitip gitmek howpy abanýan guşlaryň sanawyna girizildi.



**Gumboldt pingwini.** Perunyň we Çiliniň kenarlarynda, Ýuwaş ummany adalarynda ýaşaýan pingwiniň bu görnüşi beýlekilerden owadanlygy bilen tapawutlanýar. Garnynda gara tegmilleri bolan, gözüniň üstünden ganatyna uzap gaýdýan ak zolakly gumboldt pingwininiň ýüzünde gülgüne bölegi bar. Boýy 65-70 santimetre, agramy 4-5 kilograma barabar bolan bu pingwinler sardina balygy we sefalopodlar bilen iýmitlenýärler. Olar awuny tutmak üçin 150 metr çuňluga çümüp bilýärler. Gumboldt pingwinleri tebigy täsirleriň ýetirýän zyýany sebäpli 2000-nji ýylda Tebigaty goramak boýunça halkara bileleşiginiň sanawyna girizildi.



**Gaşly pingwin.** Täze Zelandiýanyň endemik guşy bolan bu pingwinlere Bounty we Antipodes adalarynda hem duş gelmek bolýar. Göwresiniň ýarysy gara, ýarysy ak sütükli bolan bu pingwinleriň esasy aýratynlygy gözüniň üstünde seçelenip duran sary gaşynyň bolmagydyr. Gyşy deňizde geçirýän gaşly pingwinleriň boýy 50-70 santimetre, agramy 2,5-6 kilograma ýetýär. Esasy iýmiti ownuk balyklar bolan pingwiniň bu görnüşi ýitip barýan guşlaryň hatarynda görkezilýär.

Pingwinler, esasan, deňiz kenarlarynda ýaşaýan guşlar bolup, olar köplenç daşky görnüşi, ululygy we ýaşaýyş şerti bilen biri-birinden tapawutlanýarlar. Boýy 100 santimetre, agramy 20-45 kilograma ýetýän, demirgazyk ýarym şarda ýaşaýan «Imperator» pingwinleriň iň uly görnüşi hasaplanýar. Olar Antarktidanyň endemik guşlarydyr.





# Gyş ukusyna gidýän jandarlar





Köp jandar üçin gyşda ýeterlik iýmit tapmak kyn bolýar. Şol sebäpden olaryň köpüsi gyşyna uka gidýärler. Haýwanlaryň energiýasyny tygşytlamak we gyşdan artykmaç iýmitlenmezden ýaşamak üçin ýürek urşuny haýallatmagyna «gyş ukusy» diýilýär. Käbir jandarlar gyşlamak wagtynda hereketini haýalladýan bolsa käbirleri süýji uka gidýärler. Uklaýan wagtynda olaryň bedeniniň gyzgynlygy peselýär we ýürek urşy haýallaýar. Şeýle jandarlar güýzüne has köp iýmitlenip, bedeninde has köp ýag emele gelýär. Bu ýag jandar uzak wagt uka gideninde bedeni üçin iýmit bolup hyzmat edýär. Ýagyň iki görnüşi bar - adaty ak ýag we goňur ýag. Goňur ýagy bolan haýwanyň beýnisi, ýüregi we öýkeni işini örän peseldýär. Oýanmagyň wagty gelende, bu synalary gaýtadan kadaly ýagdaýda işläp başlaýar. Jandarlaryň arasynda gemrijiler, kirpi, aýy, pyşbaga, ýarganat, gurbaga ýaly jandarlar çuň uka gidýärler. Süýdemdirijiler, süýrenijiler, ýerde-suwda ýaşaýanlar we hatda käbir mör-möjekler gyşy uklap geçirýärler. Aýylar gyş ukusyna gidýän jandarlaryň arasynda has belli bolsalar-da, olar hem diňe sowuk wagty ýatýarlar. Günorta-gündogar Aziýanyň yssy howa şertlerinde ýaşaýan aýylar uklamaýarlar. Sebäbi olar ýylyň dowamynda bol iýmitli ýerde ýaşaýarlar. Kirpi, ýarganat ýaly jandarlar her ýylyň oktýabr-noýabr aýyndan aprel-maý aýlaryna çenli uklaýarlar. Gemrijileriň käbir görnüşi güýzde ýygnan iýmitini gyşa saklaýar. Käbir mör-möjekler hem gyşyna uklaýarlar. Arylaryň käbir görnüşi ýeriň aşagynda hin gazyp, gyşy şol ýerde geçirýär.



# Aýylar sowukda üşemeýärmikä?

Ak aýylar Demirgazyk polýusa golaý ýerlerde ýaşaýarlar. Gar we buzluk bilen örtülen ýerde ýaşaýan bu jandarlar adatça deňiz jandarlary bilen iýmitlenýärler. Gar ýagan wagty daşaryk çykanymyzda birbada gözümiz gamaşýar. Hemişe diýen ýaly garly ýerde ýaşaýan aýylaryň gözünde ultramelewşe şöhleden goraýan goşmaça göz gabagy bolýar. Beýleki jandarlar ýaly ak aýylar hem öz aralarynda habarlaşýarlar. Ak aýy başga bir aýynyň aýak yzyndan onuň näçeräk wagt ozal geçip gidendigini anyklap bilýär. Demirgazyk polýusyň iň iri jandarlarynyň biri bolan bu aýylar diňe gury ýerde däl, eýsem, suwda hem aw edýärler. Ökde ýüzüji hasaplanýan ak aýylar suwuň astyndan balyk, düwlen we beýleki jandarlary tutýarlar.

Ýaňy dünýä inen aýynyň çagasynyň hiç hili tüýi bolmaýar. Şeýle ýagdaýda olar hinde ýaşaýar. Ak aýynyň ýaşaýan ýerinde daşardaky howanyň temperaturasy 40 dereje töweregi sowuk bolýar, hininiň içi bolsa 2-3 dereje ýyly bolýar. Aýylar 2,5 ýaşandan soňra özbaşdak aw edip başlaýarlar.

Ak aýylar suw içmeýärler. Olaryň bedenindäki ýag erän wagty suw himiki birleşmesini, ýagny $H_2O$ emele getirýär.

Aýylar ýylyň belli döwründe buzuň üstünde ýa-da suwda ýüzüp, uzak aralyga gitmeli bolýarlar. Häzire çenli bu ugurdaky rekord 687 kilometre deň. Bilermenler 2008-nji ýylda Kanadanyň demirgazygyndaky Boforta deňzinde bir aýynyň on güne golaý yzygiderli ýüzendigini anykladylar. Bu barada 2011-nji ýylda «Polar Biology» žurnalynda ylmy makala çap edildi.

Täsin ýeri aýylar buz bölekleri bilen doly suwda ýüzenlerinde hiç hili üşemeýärler we olaryň tüýi ezilmeýär. Sebäbi, ak aýylaryň derisiniň aşagynda galyň ýag gatlagy hemde iki gatly possuny bolýar.

Aýylaryň sekiz görnüşi bolýar - goňur aýy, ak aýy, Aziýa gara aýysy, amerikan gara aýysy, malaýa aýysy, ýalta aýy, «äýnekli» aýy (Remarctos ornatus) we panda.

# Iň uly gemriji



Ýer ýüzünde iň uly gemriji jandar Günorta Amerika ýurtlarynda gabat gelýär. Ylmy dilde «Hydrochoerus hydrochaeris» diýilýän bu jandar kapibara ýa-da uly kapibara diýlip atlandyrylýar. Syçan, alaka, alajagözen ýaly beýleki gemrijilerden tapawutlylykda bu tüýlek jandar ýüzüp hem bilýär. Gaty tüýleri bolan bu jandar derisi we eti üçin hem awlanýar. Kapibaralar 25 derejä çenli sowuga çydamly bolýar. Kapibaranyň boýy 1,40 metre, beýikligi 65 santimetre ýetýär. Agramy 70 kilograma ýetýän kapibaralar dünýäniň iň uly gemrijisi hökmünde Ginnesiň rekordlar kitabyna hem girizilipdir. Adatça otlamak arkaly iýmitlenýän kapibaralar miweleri, agaç gabyklaryny we suwda bitýän otlary iýýärler. Otlaryň saralýan yssy günlerde bolsa suwly batgalyklarda ýaşaýarlar. Beýleki gemrijilerde bolşy ýaly, kapibaralaryň alyn dişleri güýçli bolup, yzygiderli ösýär. Yzygiderli ösmeginiň sebäbi gemrijiniň ot iýmek zerarly dişleriniň kütelmegi hasaplanýar.

## NIREDE ÝAŞAÝAR?

● Derýalaryň ýa-da kölleriň golaýyndaky gür tokaýlarda we sawannalarda* ýaşaýan bu jandarlar saý suwlaryň düýbündäki otlary we kökleri iýýändikleri üçin köllerde we batgalyklarda mesgen tutýarlar. Şeýle hem gyrymsy agaçly tokaýlarda, düzlüklerde hem ýaşaýarlar. Adatça, ýyly we tropiki howaly ýerleri mesgen tutunýarlar. Uly kapibara «Hydrochoerus» maşgalasynyň iki agzasynyň biri hasaplanyp, onuň beýlekisine kiçi kapibara («Hydrochoerus isthmius») di-

ýilýär. Adatça, 10-20 agzaly sürüler bolup ýaşaýan hem bolsalar, kapibaralar kähalatlarda 100-den gowrak agzaly süri bolup hem ýaşaýarlar. Bu jandarlaryň sany howp astynda hasaplanmaýar. Kapibaranyň esasy ýagysy ýaguar, puma, oselot ýaly jandarlar hasaplanýar. Köp adam pişikler maşgalasyna degişli jandarlaryň suwy halamaýandygyny we ýüzüp bilmeýändigini pikir edýän hem bolsa, bu ýabany pişikler ökde ýüzüjiler hasaplanýar. Şol sebäpli haýal hereket edýän kapibaralary tutmak olar üçin o diýen kyn bolmaýar. Şeýle hem bürgütler we alligatoryň bir görnüşi bolan kaýmanlar hem kapibaralary awlaýar. Tropik to-



kaýlarda ýaşaýan ýaşyl anakonda hem kapibaranyň ýagysy hasaplanýar. Bu jandarlar 8–10 ýyl aralygynda ýaşaýarlar. Emma ýabany tebigatda kapibaralar ortaça 4 ýyl ýaşaýar.

Bu jandarlar Günorta Amerikanyň Çiliden galan böleginde, ýagny, yklymyň Ýuwaş ummanynyň kenaryndan uzakda gabat gelýär. Bir gezek çümeninde suwuň aşagynda 5 minutdan köp saklanyp bilýän kapibaralar suwuň içinde burnuny daşyna çykaryp uklaýarlar. Reňki adatça goňur bolup, seýrek ýagdaýda gara ýada ak reňklisi hem gabat gelýän bu tokgaja bedenli jandaryň guýrugy bolmaýar. Öň aýaklary art aýagyndan birneme kelte bolýar. Aýaklaryndaky barmaklarynyň arasynda perde bolup, bu olaryň çalt ýüzmegine ýardam berýär.

## ELDEKILEŞDIRIP BOLÝAR

● Kapibaralar ilatly ýerleriň golaýynda hem ýaşaýarlar. Bu jandarlary haýwanat baglarynda aňsatlyk bilen idedip bolýar. Hatda şäherleriň golaýynda we seýilgählerde hem gabat gelýän kapibaralar haýwanat baglarynda 12 ýyla çenli ýaşaýarlar. Bu bolsa ýabany tebigatdaky ortaça ýaşynyň iki essesinden hem köpdür. Bu jandarlar adamlardan ürkmeýärler we golaýlaşyp iýmit berlende iýýärler. Hatda olary eldekileşdirip hem saklamak mümkin. Emma tüýleriniň arasyndaky sakyrtganyň adama geçip zeper ýetirip biljekdigi sebäpli ondan daşda durmak maslahat berilýär. Şeýle-



de bolsa, käbir ýerde öý haýwany hökmünde saklanýar.

Bu jandarlar diňe adamlardan däl, beýleki haýwanlardan hem gorkmaýar.

Kapibara sözi ýerli tupi dilinde «ýaş otlary iýýän» diýmegi aňladýar. Jandaryň ylmy ady – *«hydrochoerus»* we *«hydrochaeris»* sözleri bolsa, grek dilindäki *«hydro»* – suw we *«choiros»* – «doňuz, açgöz» sözlerinden emele gelipdir.

***Sawanna:*** Günorta Amerikada, Afrikada, Aziýada we Awstraliýada duş gelýän seýrek agaçly we gyrymsy ösümlikli tropiki sähra zonalary.

# «Gury ýer krokodili»

**Ýer ýüzünde janly-jandarlaryň müňlerçe görnüşi bolup, ýaşaýyş şerti, daşky alamatlary hem-de ýaýraýyş gerimi bilen biri-birinden tapawutlanýarlar. Dünýäniň iň köp adaly ýurtlarynyň biri hasaplanýan Indoneziýada jandarlaryň we ösümlikleriň ýüzlerçe görnüşi bolup, olaryň köpüsi endemikdir. Şeýle jandarlaryň biri hem Indoneziýanyň Komodo, Rinça, Flores hem-de Gili-Motang adalarynda ýaşaýan, dünýäniň iň uly süýrenijisi hasaplanýan Komodo aždarhasydyr. Muňa başgaça «gury ýer krokodili» hem diýilýär.**



## Ýaşaýyş özboluşlylygy

Göreniňde endamyňy tikenekledýän bu süýrenijiniň uzynlygy 3 metre, agramy 130 kilograma çenli bolup bilýär. Komodo aždarhasyna düzlüklerde, sawannalarda we pes belentlikdäki tropik tokaýlarda duş gelmek bolýar. Olar ýekeleýin ýaşaýarlar, ýekelikde aw edýärler we diňe ýylyň belli bir döwründe ýygnanýarlar. Bu möwsüm maý aýyndan awgust aýy aralygynda bolup geçýär. Kiçijik aždarhanyň ulalyp ýetişmegi üçin 8-9 ýyl gerek bolup, ömri 30 ýyl töweregidir.

Ululygyna garamazdan bu süýrenijiler bedeniniň çeýe gurluşy bilen tapa-

wutlanýarlar. Olaryň hereketiniň tizligi sagatda 20 kilometre ýetip bilýär. Ýokary tizlikde hereket etmeginiň sebäbi hem diliniň aşagynda öýkenine kislorod berýän ýörite nasosynyň bolmagydyr. Bu ýagdaý olaryň aerob kuwwatyny we çydamlylygyny ýokarlandyrýar. Olar beýikde duran iýmitini almak üçin yzky aýaklaryna dikelip, guýrugyny direg hökmünde ulanyp, hatda böküp hem bilýärler. Bu ýagdaýa köplenç animasiýa eserlerinde duş gelmek bolýar.

Komodo aždarhalarynyň uzyn, egri we ýiti dyrnaklary bolup, penjeleri bilen 1 metrden 5 metre çenli uzynlykdaky gaçybatalgalary gazyp bilýärler. Olar agaçlaryň köweklerini hem gaçybatalga hökmünde ulanýarlar.

Daşyndan göräýmäge elhenç sesi bar ýaly görünse-de, uzakdan eşidilmeýän gykylyga meňzeş sesi bolan bu jandarlar muny howp abananda ýa-da gaharlananda daşyna çykarýarlar.

Komodo aždarhasy ýylyň yssy möwsüminde kenary suw bilen örtülen jeňňellere göçýär. Köplenç, kenara aw gözlemek üçin çykýan, ýüzmäge ukyply bolan bu süýrenijiler ep-esli suwdan geçip, goňşy adalara hem barýarlar. Olaryň uzyn gaýçyguýruk dili bar. Ys alşy ösen derejede bolup, iýmitiň ysyny 4-5,5 kilometr uzaklykdan duýup bilýärler. Ululygyna we ýaşyna baglylykda dürli görnüşli iýmitler: mör-möjekler, ýylanlar, guşlar, balyklar, suw pyşbagasy, gemrijiler, meýdana goýberilen öý haýwanlary bilen iýmitlenýärler.



## Adam üçin howply däl

Daşyndan howply görünýändigine garamazdan, adama zyýansyz hasaplanýan komodo aždarhasyny ilkinji gezek günbatarly alymlar 1910-njy ýylda görüpdirler. Ýewropa getirilen ilkinji iki sany Komodo aždarhasy 1927-nji ýylda London haýwanat bagynda görkezilýär. Şondan soň olar tanalyp başlanýar. Häzirki wagtda sanynyň azalýandygy sebäpli, Tebigaty we tebigy baýlyklary goramak boýunça halkara bileleşik (IUCN) tarapyndan goralýan bu jandarlaryň ýaşaýan adalaryna ýörite gezelençler guralýar.



# «Murtly» maýmyn



Tebigatda daşky alamatlary bilen tapawutlanýan ýüzlerçe jandar bolup, şolaryň biri hem «imperator» lakamy bilen tanalýan tamarin maýmynydyr. Imperator tamarin Braziliýanyň Akre we Amazonas ştatlaryndaky hem-de Perudaky pes daglyk tokaýlarda ýaşaýan maýmynyň kiçijik görnüşidir. Mundan başga-da, Amazon sebitinde, Boliwiýanyň demirgazygyndaky tokaýlarda duş gelmek bolýar. Onuň boýy 18-30 santimetre, agramy 900 grama ýetýär. Olaryň çalymtyl bedeni we gyzyl-goňur guýrugy bolup, käbiriniň döşünde sarymtyl tegmilleri hem bar. Imperator tamarini meşhur edýän zat – onuň uzyn ak murtudyr.

Bu maýmynlar, esasan, 10 metrden ýokary belentlikdäki agaçlarda hereket edip, ýere seýrek ýagdaýda düşýärler. Şahalardan dikligine ýapyşmak arkaly bir agaçdan beýleki agaja çaltlyk bilen böküýärler. Olaryň esasy iýmiti agaçlaryň güli we miwesidir. Imperator tamarinler güýçli inçe sesleri arkaly habarlaşyp, biri-biriniň sesini 150 metr uzaklykdan eşidip bilýärler.

Maýmynyň bu kiçijik görnüşi Tebigaty we tebigy baýlyklary goramak boýunça halkara bileleşik (IUCN) tarapyndan hasaba alnyp, azalýan jandarlaryň hatarynda görkezilýär. Imperator tamarinler Perunyň «Manu» milli seýilgähinde, Boliwiýanyň «Manuripi-Heath Amazon» tebigy goraghanasynda adamlar tarapyndan idedilýär. Dünýäniň birnäçe şäherindäki haýwanat baglarynda hem bu kiçijik maýmynlara duş gelmek bolýar.

# IÇI GÖRÜNÝÄN «AÝNA BALYK»



Dünýä ummanlarynda balyklaryň ululy-kiçili 35 müň töweregi görnüşi ýaşap, olaryň daşky görnüşi beýlekilere meňzemeýän we ýaşaýyş şerti bilen tapawutlanýan birnäçesi bar. Şolaryň biri hem «aýna balyk» ady bilen tanalýan «Kryptopterus vitreolus» bolup, içi görünýän beden gurluşy bilen beýlekilerden tapawutlanýar. Ilkibaşda balyklaryň bu görnüşiniň «Kryptopterus bicirrhis» maşgalasyna degişli diýip çaklanandygyna garamazdan, 2013-nji ýylda «aýna balyklaryň» «Kryptopterus vitreolus» diýen başga bir görnüşdigi ýüze çykarylýar. Tailandyň endemik suw jandary hasaplanýan «aýna balyklar», esasan, Tailand aýlagynda we Kardom daglaryndaky derýa basseýnlerinde duş gelýär. Süýji suwda ýaşaýan bu balyklaryň 7-8 ýyl ömri bolup, inçe hem uzyn bedeni 12-15 santimetr töweregi bolýar. Agramynyň aşa ýeňil bolandygy sebäpli bu balygyň kellesinde deňagramlylygy sazlaýan barbell bar. «Aýna balyklaryň» içki beden agzalary kellesinde ýerleşip, içi görnüp duran bedenini oňurga süňki we gylçyklary emele getirýär. Daşyndan seredeniňde balygyň aňyrsynyň görünmeginiň esasy sebäbi bedeninde pigmentleriň ýoklugydyr. Ýagny bu balygyň bedeninde reňkleri emele getirýän öýjükler ýok. Şol sebäpli ol ak görünýär. Erkinligi söýýän «aýna balyklar» ýüzgüçsiz (torç) bolup, olara hereket etmäge guýrugy ýardam edýär. Pes akymly süýji suwda topar bolup ýaşaýan bu balyklar şadyýan we utanjaň häsiýete eýedir. Esasy iýmiti çybyn, liçinka, kiçijik gurçuklar bolup, käte krewetka we ownuk balyklar bilen hem iýmitlenýärler. Akwaristleriň ünsüni özüne çekýän bu suw jandary akwariumlaryň iň meşhur balyklarynyň biridir.

# MEŞHUR TOHUM ITLERI





**Türkmen alabaýy.** Alabaý köp ýerde «Merkezi Aziýanyň çopan iti» diýip tanalýar. Bu itler uly göwreli, dürli howa şertlerine çydamly, sakçy we eýesine wepaly jandarlardyr. Alabaýyň boýy 45-78 santimetr, agramy 50-80 kilogram aralygynda bolýar. Olar öwredilýän endikleri ýerine ýetirmek başarnygyna eýedir. Alabaý erkinligi söýýän, erkin häsiýeti bolan, eýesine (öýüne) wepaly bolup, ony gorap gezýän tohum itidir.



**Amerikan buldogy.** Bu tohum itleri ortaça ululykda bolup, «tutan ýerini goparýandygy» bilen tapawutlanýar. Olaryň boýy 53-68 santimetre, agramy 27-55 kilograma çenli bolýar. Köp ýurtlarda gorag we gözegçilik hyzmatlarynda ulanylýan buldoklar Angliýada çopanlaryň ýakyn kömekçileri bolup, dişiniň ýitiligi, urşujylyk ukybynyň ýokarydygy bilen beýleki itlerden tapawutlanýar.



**Kawkaz çopan iti** dogabitdi erkin, gorkusyz bolýar. Kawkaz çopan itiniň boýy 65-75 santimetr, agramy 40-80 kilogram töweregidir. Wepaly goragçy, hakyky çopan iti hasaplanýan kawkaz çopan itini öwrenişdirmek we aragatnaşyk saklamak kyn. Tohum itiň bu görnüşi Gruziýada, Ermenistanda, Dagystanda we Azerbaýjanda ididilýär.



**Beýik dane** ýuwaş häsiýetli, güýçli, haýbatly görnüşe eýe bolan owadan it bolup, boýy 72-80 santimetre, agramy 45-90 kilograma ýetýär. Daniýalylaryň ata-babalarynyň uly ýabany haýwanlary awlamak üçin seçip alan bu itleri eýesine wepalylygy we çagalary gowy görýändigi bilen tapawutlanýar.



**Keramatly bernar.** Bu itler güýçlüligi we agyr ýükleri uzak aralyga çekmäge ukyplylygy bilen meşhur bolup, boýy 65-90 santimetr, agramy 55-90 kilogram töweregidir. Ozallar bu itler daglyk ýerlerde ýitenleri tapmak we halas etmek üçin ulanylypdyr. Häzirki wagtda bolsa ökde halas edijiler we goragçylar hökmünde akyllylygy we ugurtapyjylygy bilen tapawutlanýar.



**Iňlis mastifi.** Bu itler ökde urşujy we sakçy hasaplanyp, boýy 70-76 santimetre, agramy 80-86 kilograma çenli ýetýär. Maglumatlara görä, gadymy Wawilonda olar bilen arslanlary, aýylary awlapdyrlar diýlip çaklanylýar. Soňlugy bilen bolsa jemgyýete öwrenişdirilip, wepaly öý jandary we maşgala goragçysy hökmünde görlüp başlanýar.



**Demirgazyk iti.** Haskiler demirgazyk sebitlerde, esasan hem, Arktikada ösdürilip ýetişdirilýän, çeýeligi we ýük çekijiligi bilen tapawutlanyp, boýy 50-60 santimetr, agramy 20-35 kilogram aralygynda bolýar. It lyžasy arkaly harydy, poçtany eltip bermek hyzmaty häzirki wagtda hem haskileriň kömegi bilen garly, barmasy kyn sebitlerde ýerine ýetirilýär. Bu itler möjege iň ýakyn tohum hasaplanýar.



# ÇIHUAHUA – tohum itleriniň iň kiçisi

Irki döwürlerden bäri dürli maksatlarda: aw awlamakda, ýiten zatlary tapmakda, poçta hyzmatynda ulanylýan tohum itleriniň 500 töweregi görnüşi bolup, şolaryň arasynda çihuahua özüniň daşky görnüşi bilen tapawutlanýar. Çihuahua dünýädäki iň kiçi tohum iti hasaplanýar. Esasan-da, Ýewropada öýde saklamak üçin maslahat berilýän tohum itleriniň iň meşhurlarynyň biri bolan çihuahua IX asyrda seçilip alynýar. Häzirki günlere çenli idedilýän bu tohum itiniň boýy 13-20 santimetre, agramy 0,5-3 kilograma ýetýär. Ýumşak tüýli tohum itiň bu görnüşiniň tegelek kellesi, uly dik gulaklary, monjuk ýaly gözleri bar. Çeýe hem hüşgär häsiýetli bu itler öýüň jaňjagazy hasaplanýar. Meksikanyň milli tohum iti bolan çihuahua 1904-nji ýylda Amerikan Kennel kluby (AKC) tarapyndan resmi taýdan ykrar edilýär.

## OÝNAWAÇMY ÝA-DA HAKYKY?

Çihuahua daşyndan göräýmäge matadan tikilen ýumşak oýnawaja meňzeýär. Bu itiň naýynjar hereketleri, özüni alyp barşy her bir ynsanda janly-jandarlara bolan söýgini we rehimdarlygy döredýär. Sowuk howa uýgunlaşmaýan, yssyny halaýan bu itleri her gün iki gezek naharlamak ýeterlik. Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabynda dünýäniň iň kiçijik tohum iti diýlip hasaba alnan çihuahua adamyň sözlerine düşünmek bilen bir hatarda, buýrulan ýumuşlary ýerine ýetirip bilýär. Eýesine aşa wepaly bolýan çihuahua ýüzmegi gowy görýär. Bulardan başga-da, bu kiçijik it bilen dürli oýunlary oýnap bolýar. Tohum itiniň bu görnüşiniň işeňňir we batyrgaý görünýändigine garamazdan, tiz ýadaýar hem-de çalt gahary gelýär. Çagalar üçin iň gowy güýmenjeleriň biri bolan çihuahua gorag ýa-da sakçy it bolman, öýdeçi itlerdir.

# Luna – Aýa meňzeş kebelek



Kebelekleriň iň owadan we özüne çekiji görnüşleriniň biri bolan luna ýitip gitmek howpy abanýan mör-möjekleriň hataryna girýär. Amerika yklymynda duş gelýän bu kebelekler has uzak aralyga uçup bilýändigi bilen tapawutlanýar. Ýazyna we tomsuna tokaýy bezeýän lunalaryň göwresiniň uzynlygy 8-17 santimetre ýetýär. Esasan gijesine hereket edýändigi sebäpli bu kebelekler «Aý kebelegi» diýlip hem atlandyrylýar. Bedeni ak, uzyn gülgüne aýakly luna kebeleginiň maňlaýynda şahy bar. Lunalaryň ýarym Aýa meňzeş owadan ganatlarynyň giňligi 12 santimetr töweregi bolýar. Maňlaýynda we yzky ganatlarynda göz ýaly nokatlary bolup, egrelip duran guýruklary arka tarapyna uzalyp gidýär. Diňe ýaşyl reňkde duş gelýän bu kebelekler kagyzdan ýasalan origama meňzeýär.



Bu kebelekleriň nesil çalşygy 6 aýdan bir gezek bolup geçýär. Ýylda iki gezek köpelýän lunalar ýumurtga taşlandan soň ýaşamagyny bes edýär. 10 günüň dowamynda kiçijik liçinkalar döreýär. 3-4 hepdäniň dowamynda daşyna pile saran gurçuklardan lunalaryň täze nesli kemala gelýär. Lunalar agaçlaryň ýapragy bilen iýmitlenýärler. Kebelegiň bu görnüşi zyýan beriji hasaplanmaýar. Lunalary tokaýda aňsatlyk bilen görüp bolmaýar. Sanynyň azdygy sebäpli bu kebelekler seýrek duş gelýär.




ZooPark
ZT
«Zaman-Türkmenistan»
bilen wagtyňyzy gyzykly we
peýdaly geçiriň!
Tel.: (+99312) 28-14-05
Fax: (+99312) 28-14-36
mail: info.zamanturkmenistan@gmail.com
web-site: www.zamanturkmenistan.com.tm
zaman_turkmenistan